# Uzaga çekmedik dostluk / häzirki zaman ertekisi

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Satiriki hekaýalar
написано kitapcy | 23 января, 2025
Uzaga çekmedik dostluk / häzirki zaman ertekisi UZAGA ÇEKMEDIK DOSTLUK

Gadym eýýämde däl-de, häzirki zamanda obaly adam bilen bir şäherli adam dost bolupdyr. «Ara daş bolsa-da, ýürek ýakyn» diýenleri. Şäher bilen obanyň arasy müňlerçe kilometr bolsa-da, olar biri-biriniň toýuna-ýasyna dogan ýaly bolup gatnaşypdyrlar.
Ýyllar geçipdir. Soňabaka bularyň dostlugy sowaşyp ugrapdyr. Onuň sebäbi bolsa şeýlemiş.
Şäherli dosty öýüne gelende obaly dosyu onuň üçin mal soýup, her dürli nahar bişirip, hyzmat edipdir. Dost-ýarlaryny, bagşy-sazandalary getirip, dostunuň göwnüni hoşlapdyr. Ýaýlalara, çöl-beýewana awa äkidip, şähdini açypdyr. Tutan awlaryny açyk meýdanda şara-kebap edip iýip, şady-horram bolupdyrlar. Kanala suwa düşüp, tor gurup, çeňňek atyp balyk tutupdyrlar. Obanyň bol ir-iýmişleri, toý-şagalaňlary şäherli adamda göýä jennetde ýaşap ýören ýaly duýgy oýarypdyr. Ol her gezek öýüne – şähere gaýtjak mahaly obaly dosty ir-iýmişlerden, täze soýlan malyň etinden ýüküni ýetirip goýbär eken.
Öz gezeginde obaly dosty şähere baranda şäherli dosty oňa on alty gat jaýyň on dördünji gatyndaky jaýynyň bir otagyny beripdir. Şol jaýyň lifti hem bir gün işlese, hepdeläp işlemez eken. Hawa, dostunuň öňüne şäheriň hlorly suwundan çaý demläp goýupdyr. Tok urdurylyp öldürilen, üstünden ençeme wagt geçenden soň kakap ugran ördekden palaw edip beripdir. Gaýnadylan kolbasadan mürähet edipdir. Skladlarda bäş-alty ýyllap doňup ýatan sygyr etinden çekdirme bişiripdir. Maşynda getirilip satylýan, janynyň çykanyna iki-üç gün geçen «janly» balyklardan satyn alyp, gowrup beripdir. Ýagy etinden köp

bolan, et kombinatynda nädip öldürilendigi belli bolmadyk doñuz etinden çişlik edip, hezzet-hormat edipdir. Dostumyñ keýli kök bolsun diýip, dostlarynyñ birisiniñ wideomagnitofonyny getirip, ýarym-ýalañaç, wejera aýallar, adam iýijilet baradaky elhenç filmleri tomaşa etdiripdir. Howasyny täzeläýin diýip, günüñ dowamynda bir gezek şäheriñ maşynyñ tüssesinden ýaña dem alar ýaly bolmadyk köçelerine gezelenje alyp çykypdyr. Içinde çilimiñ tüssesinden ýaña oturyp bolmajak kondisionersiz, dymyk kinoteatrlara kino tomaşa etmäge alyp gidipdir.

Emma soñ-soñlar obaly dosty her gezek şähere, dostunyñka gezmäge gelende bir dert tapynyp başlapdyr. Bir gezek agyr kellagyry degse, beýleki gezek içagyry degipdir. Başga bir gezek bolsa, zäherlenmä sezewar bolupdyr.

Ahyry obaly şäherlä şeýle diýipdir:

– Dost jan, meni bagyşla welin, meniñ entek-entekler ýaşasym gelýär. Men heniz keselläp görmändim. Emma şähere gatnadygymça köp dert tapynyp başladym. Indi gelmäni goýaýmasam boljak däl. Sizin zäherli suwuñyza, iýmitleriñize, howañyza hiç öwrenişip bilmedim. Gaty görme, dost jan. Seniñ üçin mydama gapym açyk. Baryp dur. Men welin, indi gelibilmen. Birazajyk ýaşasym gelýär.

Şeýlelikde obaly dosty şäherli dostunyñka gaýdyp dolanmandyr. Şäherli dosty oba birki gezek baryp gaýdypdyr. Emma dosty şähere gelmänsoñ, ol hem oba gitmesini kesipdir.

Şeýdip, olaryñ dostlugy kem-kemden ýitip gidipdir.

Jorageldi SAPARGELDIÝEW. Satiriki hekaýalar